# Gyz şübhesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gyz şübhesi GYZ ŞÜBHESI




Diýme: «Gözleriňde asmany görýän»
Asmandan zemine gaçaýma birden.
Diýme: «Barlygyňda alawlap ýanýan»
Soňundan kül bolup öçäýme birden.
Humar bolup diňlän sazlaň hakynda,
Bendi bolup synlan ýazlaň hakynda,
Menden ozal söýen gyzlaň hakynda,
Ýanymda agzyňy açaýma birden.

Kiçelsem kiçi bol, beýgelsem – beýik.
Ýarama melhem bol, döwügme – seýik.
«Bul-a maňa indi ýüz berdi» diýip,
Mertebämden ätläp geçäýme birden.

Tämiz bolsun niýetleriň, pälleriň,
Aýdyň bolsun ýodalaryň, ýollaryň.
Bilip bolmaz, aglap, ejizlän günüm,
Menden ýüz döndürip uçaýma birden.

Parahat BATYROW. Goşgular